# Bir gyzyñ hatyndan – Rejepgeldi Mejikow

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 21 июня, 2025



«Ýene ýüregimde tanyş jigleme,
Keşbiñ göz öñüme gelýär gaýgyly
Öz ýalñyşym boldy söýgä jemleme,
Saña açygyny aýtsam aýbymyñ.
Men seni unudyp bilmerin, eziz,
Başarmajak zadym boýun almaýyn.
Süýji dilim saña ajy söz diýmez,
Ýitiren bagtym sen, ýeten armanym.

Ruhuma ýakyndyr gamly aýdymlar,
Hiñlenmesem üzüm-üzüm bu jiger.
Gündüzlerine gizläp ýören ahmyrlam,
Kirpigimde düzüm-düzüm gijeler…»

© Rejepgeldi MEJIKOW